THE ASHGABAT TIMES

Ismoilow Nuriddin Muýdinhanowiç – Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň Kanunçykaryjy palatasynyň Başlygy

Ozaly bilen, türkmen doganlarymyzyň myhmansöýerligi we ajaýyp Aşgabat şäherinde şu günki duşuşygyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilýändigi üçin kärdeşlerimiziň bildirýän minnetdarlygyna goşulýandygymy aýtmak isleýärin.

2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna bagyşlanylan halkara forum geçirildi. Oňa Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary hem gatnaşdylar. Munuň özi biziň ýurtlarymyzyň öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerine, netijeli hyzmatdaşlygy berkitmäge ygrarlydyklaryna şaýatlyk edýär.

Seulda geçirilen ilkinji duşuşyk we şu günki forum biziň ýurtlarymyzyň hoşniýetli hyzmatdaşlygyň bähbitlerine açyk dialogyň üstünlikli dowam etdirilmegine we anyk netijeleriň gazanylmagyna isleg bildirýändiklerini görkezýär.

Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda haryt dolanyşygynyň, söwdanyň, maýa goýum işjeňliginiň, içki sebit syýahatçylygynyň yzygiderli ýokarlanmagy biziň ýurtlarymyzyň dostlukly gatnaşyklarynyň durnukly ösýändiginiň subutnamasydyr.

Biz, parlamentariler sebitiň ýurtlarynyň Koreýa Respublikasy bilen hem söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň ösdürilmegine mundan beýläk-de ýardam etmelidiris. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, döwletleriň arasynda ynanyşmagyň berkidilmeginde parlament diplomatiýasy möhüm orna eýedir.

Biz Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip yglan edilmeginde hem çuňňur manyny, umumadamzat ähmiýetliligi görýäris.

Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ýokary guramaçylykly derejede geçirilýän şu günki ikinji duşuşygynyň hem biziň ýurtlarymyzyň arasynda gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine, hyzmatdaşlygyň gün tertibiniň täze mazmun bilen baýlaşdyrylmagyna parlament ýardamyny berjekdigine şübhe bolup bilmez.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024